**Türkmenistanyň Merkezi banky**
Центральный банк Туркменистана

# BANK HABARLARY
# БАНКОВСКИЙ ВЕСТНИК

**2024-nji ýylyň 1-nji awgust ýagdaýyna**
на 1 августа 2024 года

**Aşgabat 2024**

# Mazmuny / Содержание


## SELJERIŞ MAKALALARY / АНАЛИТИЧЕСКИЕ СТАТЬИ

**BANK ULGAMYNYŇ ÝURDUŇ MAÝA GOÝUM TASLAMALARYNY MALIÝELEŞDIRMEKDÄKI ORNY**
**3**

**SANLY ULGAM: TEJRIBE ÄHMIÝETI WE MILLI ÝÖRELGELER**
**6**

**MAÝA GOÝUMLARYNYŇ ÖZÜNE ÇEKIJILIGINI ÝOKARLANDYRMAKDA MALIÝE GURALLARYNYŇ ORNY**
**9**

## SELJERIŞ MAGLUMATLARY / АНАЛИТИЧЕСКИЕ МАТЕРИАЛЫ

**TÜRKMENISTANYŇ BANK ULGAMYNYŇ ÖSÜŞ MEÝILLERI**
ТЕНДЕНЦИИ РАЗВИТИЯ БАНКОВСКОЙ СИСТЕМЫ ТУРКМЕНИСТАНА
**13**

**TABLISALAR**
ТАБЛИЦЫ
**15**

# BANK ULGAMYNYŇ ÝURDUŇ MAÝA GOÝUM TASLAMALARYNY MALIÝELEŞDIRMEKDÄKI ORNY

Hormatly Prezidentimiziň parasatly ýolbaşçylygynda Garaşsyz, hemişelik Bitarap Döwletimiz hemmetaraplaýyn ösýär we özgerýär. Häzirki wagtda ýurdumyzda amala aşyrylýan giň gerimli maýa goýum taslamalary ykdysadyýeti diwersifikasiýalaşdyrmaga, ony ösüşiň senagat-innowasion ýoluna geçirmäge milli haryt öndürijileriň bäsleşige ukyplylygyny artdyrmaga we şonuň esasynda ilatyň ýaşaýyş-durmuş derejesini ýokarlandyrmaga gönükdirilendir. Gahryman Arkadagymyzyň başlangyjy bilen kabul edilen, hormatly Prezidentimiziň ýolbasçylygynda üstünlikli amal edilýän «Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy: Türkmenistany 2022 - 2052-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Milli maksatnamasynda döwletiň maýa goýum syýasatyny önümçiligiň düýpli döwrebaplaşdyrmaklyga we onuň gurluş taýdan üýtgedilip guralmagyna, täze tehnologik «ýaşyl ykdysadyýetiň» döredilmegine gönükdirmäge hem-de ýurtda maýa goýum işjeňligini artdyrmaklyga, maýa goýumlarynyň ykdysady netijeliligini ýokarlandyrmaklyga, täze döredilýän we hereket edýän önümçilikleriň özüni ödeýiş möhletlerini kadaly derejelerde ýola goýmaklyga uly ähmiýet berilýär.

Ýurdumyzda senagatlaşdyrmak syýasatynyň we ykdysadyýeti diwersifikasiýalaşdyrmagyň üstünlikli amala aşyrylmagy bilen, daşary ýurtlardan getirilýän harytlaryň ornuny tutýan önümleri özümizde öndürmek we ýurduň eksport kuwwatyny doly güýjünde ulanmak mümkinçiligi artýar. Döwletimiziň dünýä bazaryndaky eýeleýän orny has-da berkeýär, ýurdumyzda ýaşaýan ilatyň iş üpjünçiligi ýokarlanýar, maşgala girdejisi artýar we ýaşaýyş - durmuş şertleri gowulanýar.

2024-nji ýylyň 12-nji iýulynda hormatly Prezidentimiz Ministrler Kabinetiniň giňişleýin mejlisini geçirdi, onda şu ýylyň geçen alty aýynyň jemleri jemlenildi. Hasabat döwründe senagat pudagynda 3,6 göterim, gurluşykda 9,3 göterim, ulag we aragatnaşykda 7,3 göterim, söwdada 7,8 göterim, oba hojalygynda 5,8 göterim, hyzmatlar ulgamynda 7,9 göterime deň boldy. Döwlet býujetiniň girdeji bölegi 102,9 göterim, çykdajy bölegi bolsa 97,8 göterim ýerine ýetirildi. Maliýeleşdirmegiň ähli çeşmeleriniň hasabyna özleşdirilen düýpli maýa goýumlarynyň möçberi, geçen ýylyň degişli döwri bilen deňeşdirilende 20,8 göterim artdy we jemi içerki önümiň 17,3 göterimine deň boldy. Şeýle ýokary netijeleriň gazanylmagy köp derejede ykdysady gurallaryň işjeňligine baglydyr. Olaryň arasynda aýratyn orun maýa goýum syýasatyna degişlidir.

Maýa goýum taslamalaryny kesgitlenilen möhletlerde amala aşyrmakda we olaryň ýokary netijeliligini gazanmakda aýratyn orun maliýeleşdirmegiň çeşmesiniň dogry saýlanylyp alynmagyna baglydyr. Milli ykdysadyýetimiziň bazar gatnaşyklary şertlerinde ösdürilmegi öňi bilen maýa goýum taslamalaryny maliýeleşdirmekde kärhanalaryň hususy serişdeleriniň we banklar tarapyndan berilýän uzak möhletli, uly möçberli karz pullaryň ornuny we ähmiýetini has-da ýokarlandyrdy. Soňky ýyllarda dünýäniň ösen döwletleriniň baý tejribesine eýerip, ilatyň banklarda saklaýan pul goýumlaryny, şeýle hem gymmatly kagyzlary maýa goýum taslamalaryny maliýeleşdirmäge gönükdirilmegine üns ýokarlanýar. Bu çeş-



meleriň hasabyna maliýeleşdirilýän maýa goýum taslamalar özüniň ýokarynetijeliligi bilen tapwutlanýar. Sebäbi, ilatyň pul goýumlarynyň we gymmatly kagyzlaryň hasabyna maliýeleşdirilýän maýa goýumlar esasan ýokary düşewüntli önümçilige gönükdirilýär. Şeýlelikde, ilatyň banklarda goýum görnüşinde saklaýan pullarynyň yzygiderli artmagyna we gymmatly kagyzlar bazarynyň işjeňleşmegine özüniň oňaýly täsirini ýetirýär.

Ilatyň pul goýumlarynyň möçberiniň ýokarlanmagy öz gezeginde birinjiden, aýlyk zähmet haklarynyň yzygiderli köpelmegi bilen, ikinjiden, ilatyň iş üpjünçiliginiň gowulanmagy bilen, üçünjiden ilatyň banklara bolan ynamynyň ýokarlanmagy bilen düşündirilýär.

Islendik ýurduň ykdysadyýetinde makroykdysady görkezijileri kadaly ýagdaýda saklamakda esasy orunlaryň biri maýa goýum işine degişlidir. Ýurdumyzda döredilen amatly ykdysady şertler we kanunçylyk binýadyň yzygiderli kämilleşdirilmegi maliýe bazarynyň durnuklylygyny üpjün etmek bilen, maýa goýum işjeňligini ýokarlandyrýar. Ösüşiň häzirki döwründe maýa goýum syýasatynyň özeni önümçiligi düýpli döwrebaplaşdyrmaga, onuň gurluş düzümini maliýeleşdirmäge, ekologiýa meselelerini üstünlikli çözmäge, täze döredilýän we hereket edýän önümçilikleriň özüni ödeýiş möhletlerini kadaly derejede ýola goýmaga gönükdirilendir. Milli ykdysadyýetiň pudaklarynda, eýeçiligiň ähli görnüşlerinde giň gerimli sebit we milli maýa goýum taslamalary işlenip düzülýär we üstünlikli durmuşa geçirilýär. Ýurdumyzda senagatlaşdyrmak syýasatynyň we ykdysadyýeti diwersifikasiýalaşdyrmagyň üstünlikli amala aşyrylmagy bilen, daşary ýurtlardan getirilýän harytlaryň ornuny tutýan önümleri özümizde öndürmek we ýurduň eksport kuwwatyny doly güýjünde ulanmak mümkinçiligi artýar, döwletimiziň dünýä bazaryndaky eýeleýän orny has-da berkeýär, ilatyň iş üpjünçiliginiň derejesi ýokarlanýar, maşgala girdejisi artýar we ýaşaýyş-durmuş şertleri gowulanýar.

Döwrebap maýa goýum syýasatynyň üstünlikli amala aşyrylmagy deňagramly ösüşi üpjün etmek bilen, ykdysadyýeti durnukly ýagdaýda saklamaga, ýurduň serişde mümkinçiliklerinidoly we netijeli ulanmaga ähli amatlyklary döredýär. Uly möçberli, uzak möhlete niýetlenen maýa goýum taslamalarynyň belli bir böleginiň karzyň hasabyna maliýeleşdirilmegi gurulýan önümçilik maksatly desgalaryň öz wagtynda gurulmagyna, önümçilik kuwwatynyň doly güýje girizilmegine, karz serişdeleriniň öz wagtynda, göterimi bilen yzyna gaýtarylmagyna ähli amatlyklary döredýär.

Maýa goýum taslamalaryny maliýeleşdirmegiň amatly çeşmesini saýlap almagyň netijesinde kärhanalaryň tölege ukyplylygy ýokarlanýar, esasy maýalar çalt depginler bilen täzelenýär, täze tehnologik maksatnamalar üstünlikli amala aşyrylýar. Şeýlelikde, gymmatly kagyzlaryň maýa





goýum taslamalaryna işjeň çekilmegi bilen milli ykdysadyýetiň ösüşi tizleşýär, ilatyň ykdysady işjeňligi ýokarlanýarwe maýa goýum işi höweslendiriji gural hökmünde çykyş edýär.

Ýurdumyzyň ykdysadyýetiniň ähli pudaklaryna sanly ulgamyň işjeň ornaşdyrylmagy maýa goýum taslamalaryny maliýeleşdirmegiň iň amatlysyny saýlap almaga we netijeli ulanylmagyny üpjün etmäge ähli amatly şertleri döredýär.

Bu meseläni üstünlikli çözmek üçin hünärmenleriň hünär taýýarlygy yzygiderli ýokarlandyrylýar we dünýäniň ösen döwletleriniň tejribesini öwrenmek üçin gysga möhletli okuwlar ýola goýulýar.

Ýurdumyzyň maýa goýum işjeňliginiň ýokarlanmagy döwletimiziň ykdysady kuwwatyny pugtalandyrmaga, ýurdumyzyň bütin dünýä ykdysady giňişligine has netijeli we sazlaşykly goşulşmagyny üpjün etmäge gönükdirilendir. Maliýe bazarynyň işiniň yzygiderli kämilleşdirilmegi diňe bir ýurduň maliýe taýdan durnuklylygyny üpjün etmek bilen çäklenmän, eýsem süýşürintgileri maýa goýuma öwürmäge we depginli ykdysady ösüşi üpjün etmäge mümkinçilik berýär.

**Baýramdurdy TAÝHAROW,**
Türkmen döwlet ykdysadyýet we
dolandyryş institutynyň professory,
ykdysady ylymlaryň kandidaty

**Aýlar HOJANEPESOWA,**
Türkmen döwlet ykdysadyýet we
dolandyryş institutynyň «Bank işi»
kafedrasynyň uly mugallymy

## SELJERIŞ MAKALALARY

# SANLY ULGAM: TEJRIBE ÄHMIÝETI WE MILLI ÝÖRELGELER

Dünýäde ylmyň we tehnologiýanyň näderejede çalt ösýändigini bu ugurlardaky özgertmeleriň durmuşymyza ýygy-ýygydan, günsaýyn ornaşýandygyndan hem görmek bolýar. Aslynda sanly ulgamyň edil şu günki günde ösüşiň hereketlendiriji güýji diýilse dogry bolar. Şonuň üçinem häzir dünýä jemgyýetiniň ýaşaýyş-durmuş şertleriniň aglaba bölegi sanly ulgamyň çygrynda amal edilýän işleriň netijesinde ýeňilleşýär. Häzirki döwürde ykdysadyýetiň dürli pudaklaryna sanly ulgamy ornaşdyrmakda öňde durýan wezipeler ýurduň ykdysady ösüşini, senagaty, hyzmatlar ulgamyny, söwdany hem-de beýleki ulgamlaryň işini ilerletmäge itergi berjek täzeçil taslamalaryň durmuşa geçirilmegi bilen baglydyr.

Türkmenistanda sanlylaşdyrma döwrüne netijeli taslamalar bilen gadam basyldy. «Türkmenistanda 2019 - 2025-nji ýyllarda sanly ykdysadyýeti ösdürmegiň Konsepsiýasynyň» çäklerinde beýleki ugurlar bilen bir hatarda maliýe-bank ulgamynda dünýä tejribesine kybap gelýän sanly hyzmatlary işläp taýýarlamak we bar bolanlaryny has-da kämilleşdirmek göz öňünde tutuldy.Ýurdumyzyň tejribesinde ykdysadyýeti sanlylaşdyrmak konsepsiýasy geljekde uly taslamalary, şol sanda sanly bank hyzmatlarynyň durmuşa işjeň ornaşdyrylmagyny özünde jemleýär.Şu günüň nukdaýnazaryndan seljerilende, sanly bank hyzmatlarynyň umumy ösüşi ýokary bolup, raýatlar üçin oňaýlylygy döredýän özgertmeler amala aşyrylýar. Sebäbi maglumat ulgamlary tehnologiýalary pudagynda, tehnologik ösüşiň täzeçil ugurlaryny ýola goýmakda türkmen tejribesi baýlaşýar. Dünýädäki özgertmeler bilen deň derejede ösmegi nazarlaýan çemeleşmeler oňyn netije berýär.

Ýurdumyzyň bank ulgamynyň ösüş depgini bazar gatnaşyklaryna geçilýän häzirki şertlerde barha ýokarlanýar. Munuň esasy sebäbi, bazar gatnaşyklary öňi bilen ähli ykdysady gurallaryň işjeňligini talap edýär. Şu nukdaýnazardan, banklar ykdysadyýetiň hereketlendiriji güýjüne öwrülýär. Bank işiniň ösüşine häzirki zaman innowasion serişdeler we tehnologiýalar görnetin täsir edýär. Halkara bazarynda internet arkaly amala aşyrylýan hyzmatlaryň arasynda öňdebaryjylaryň hatarynda bank hyzmatlary durýar. Sebäbiolaryň kömegi bilen hasaplamalary we gözegçiligi geçirip bolýar. Bu bolsa müşderiler üçin amatlydyr. Şunuň bilen baglylykda, bank hyzmatlaryny giňeltmek, dünýä derejesiniň iň öňdebaryjy usullaryny we innowasion tehnologiýalary ornaşdyrmak, pul serişdeleriniň kadaly dolanyşygyny üpjün etmek, ilatyň boş duran pul serişdelerini önümçilikde maýa goýumlaryna gönükdirmek boýunça ýurdumyzyň pul dolanyşygyna täze maliýe gurallaryny işläp taýýarlamak boýunça işler alnyp barylýar.

Häzirki wagtda ençeme döwletlerde internet arkaly bank hyzmatlaryny alyp barýan banklaryň işi nusga alarlykdyr. Sebäbi bu günki gündesanly bank hyzmatlarynaisleg bildirýän müşderileriň sany barha artýar. Ýeri gelende ýurdumyzyň bank ulgamynda hem elektron tölegler ulgamynyň örän giň gerim alýandygyny bellemegimiz gerek. Elektron tölegleriň ulgamy diňe bir hasaplaşyklaryň tizligini, serişdeleriň aýlanyşygyny çaltlandyrman, eýsem, bankyň serişdeleriniň dolandyrylyşyny tizleşdirmäge we düzüm bölekleriniň hasaplaşyklaryna gözegçilik etmäge hem mümkinçilik berýär.

Bütindünýä internet torunyň tizliginiň we elýeterliginiň artmagy bilen, bank ulgamynyň işine maglumat-aragatnaşyk tehnologiýalaryny we maliýe hyzmatlaryny özünde jemleýän täze maliýe tehnologiýalary goşuldy. Bu bolsa maliýe hyzmatlarynyň görnüşini düýpgöter üýtgetdi we dünýä maliýe ulgamynyň täze gurluşyny talap edýär. Täze maliýe tehnologiýalary meselesi bu gün ähli çygyrda — banklarda we kompaniýalarda, käbir döwletleriň pul dolandyryjylary hem-de maliýe

sazlaýjylary tarapyndan halkara forumlarda ara alnyp maslahatlaşylýar. Çünki banklaryň sanlylaşdyrylmagynda täzeçil sanly taslamalary durmuşa geçirmek işleriň ilerlemeginde juda derwaýys wezipe hasaplanylýar.

Banklaryň sanlylaşdyrylmagy diýmek örän giň mana eýedir. Umumy manyda düşünilende, ol häzirki zaman sanly tehnologiýalaryň maliýe guramalarynyň iş prosesleriniň esasy ugurlaryna ornaşdyrylmagydyr. Has takygy, bu ugurlar hökmünde dünýä tejribesinde giňden ýaýran şu ýörelgeleri mysal getirip bileris:

- müşderiler bilen aragatnaşyk,
- müşderileriň karza ukyplylygyny kesgitlemek,
- hasap ýöredilişi, hasabatlylygyň kadalaşdyrylmagy,
- maýa goýum syýasaty,
- dolandyryş çözgütleriniň kabul edilmegi.

Bu günki günüň ýokary derejede ösýän maliýe we bank ulgamynyň nukdaýnazaryndan seredilende, sanly ulgamyň esasy döwrebap ýörelgeleriň biri bolup durýanlygy ýurdumyzda häzirki zaman şertleri özünde jemleýän maliýe-bank ulgamynyň kemala gelmegini şertlendirýär. Banklar tarapyndan nagt däl hasaplaşyklaryň gerimini giňeltmek, raýatlara hödürlenilýän hyzmatlaryň görnüşlerini artdyrmak hem-de innowasion tehnologiýalary ornaşdyrmak maksatlary dünýä tejribesiniň iň giňden ýaýran taslamalary boldy. Şu ugurdaky başlangyçda Türkmenistanyň Döwlet daşary ykdysady iş banky tarapyndan halkara «VISA» töleg ulgamy bilen bilelikde döredilen galtaşyksyz «Milli VISA», «Owerdraft kart» ýaly bank kartlary ornaşdyryldy, şeýle-de sanlylaşdyrmak işlerinde «Elektron söwda», «Internet bank» hyzmatlary ýola goýuldy.

Müşderileriň isleglerini kanagatlandyrmak, bankyň hödürleýän hyzmatlarynyň sanyny artdyrmak, internetiň üsti bilen tölegleri geçirmek, bank kartlarynyň howpsuzlygyny ýokarlandyrmak hem-de tölegleri geçirmek bilen bagly töwekgelçilikleri peseltmek maksady bilen,Türkmenistanyň Döwlet daşary ykdysady iş banky «VISA Virtual» atly bank kartynyulanyşa girizdi. «VISA Virtual» halkara bank kartynyň hasaby diňe daşary ýurt walýutasynda açylyp, ol erkin aýlanýan puluň çäklerinde serişdeleriň gelip çykyşyny talap etmezden, fiziki şahsyň daşary ýurt pulundaky serişdeleriniň hasabyna nagt görnüşinde we gelip çykyşy diňe öz serişdeleri bolan nagt däl görnüşinde doldurylýar. Şeýle hem, bir müşderiniň bu halkara bank kartlarynyň sany çäklendirmesiz bolup biler. Bankyň öz içerki serişde dolanyşygyny, bank amallaryny hem beýleki banklar bilen deň depginde alyp barmagy, şunuň bilen birlikde, bank tarapyndan dünýäniň ykdysady ulgamy bilen işjeň hyzmatdaşlygyň çäklerinde täzeçil ýörelgeleriň girizilmegi onuň tejribesiniň hemmetaraplaýyn häsiýete eýedigine güwä geçýär.

Geljegi uly ugurlarynyň biri bolan döwrebap tehnologiýalary, şol sanda töleg kartlarynyň onlaýn usuldaky işjeňleşdirilmegine esaslanýan nagt däl hasaplaşyklaryň usullaryny giňden ornaşdyrmak Türkmenistanyň Döwlet daşary ykdysady iş bankynyň alyp barýan işiniň möhüm bölegidir. Sanly ulgamyň esasy şertleriniň biri bolan resmi internet sahypasynyň dolandyrylyşynda müşderileriň zerur bolan ýagdaýlaryň aglabasynda onlaýn tölegleri ýerine ýetirmegi, islendik bank amaly barada örän düşnükli gözükdirme almagy, bu ýerde uzak aralykdan habarlaşmak mümkinçilikleri göz öňüne tutulýar. Sanly tas-



lamalar bilen kämilleşdirilýän bankyň resmi internet sahypasyndahem bu ugurda häzire çenli ýola goýlan sanly hyzmatlarynyň aglabasyndan peýdalanmaga mümkinçilik berýär.

Türkmenistanyň Döwlet daşary ykdysady iş bankynyň «Internet-bank» ulgamynyň, «Onlaýn karz» hyzmatynyň milli tejribede giňden durmuşa geçirilmegi bank hyzmatlaryna bolan islegleriň dessin, hiç ýere gitmezden islendik ýerden peýdalanyp bilmek görnüşinde ýerine ýetirilmegine getirdi. Häzirki wagtda ýer ýüzünde giňden ýaýbaňlandyrylan ýörelge hasap edilýän ykdysady pudaklaryň sanlylaşdyrylmagy, ýagny degişli edara-kärhanalaryň işini sanly ulgam esasynda dolandyrylýan görnüşe geçirmek, onlaýn salgylanmalaryň mukdaryny artdyrmak bilen bank hyzmatlaryny ýeňilleşdirmek ugrunda netijeli işler dowam etdirilýär. Bu ugurda bankyň halkara ykdysady ulgamyndaky işjeňligini yzygiderli ýokarlandyrmagy-da öňde durýan sanly bank hyzmatlaryna degişli wezipeleri durmuşa geçirmäge esas döredýär.

Bu agzalan hyzmatlardan başga-da, ýurdumyzda galtaşyksyz töleg etmek mümkinçiligini giňden durmuşa geçirmek wajyp wezipeleriň hatarynda kesgitlenilýär. Şunuň bilen birlikde dünýä ýurtlarynda emeli aň tehnologiýalarynyň bank işi bilen baglylykda utgaşdyrylmagynda täze taslamalar döredilýär. Emeli aň tehnologiýalary häzirki günde sanly ulgamyň iň öňdebaryjy we işjeň ornaşdyrylýan pudagydyr. Ol maliýe bazary üçin hem amallaryň ýeňilleşdirilmeginde örän peýdalydyr.

Türkmenistanyň Döwlet daşary ykdysady iş bankynyň alyp barýan depginli işiniň netijesinde, onuň dürli ugurlarynyň seljerilip, şu ýylda ýokary reýtinge eýe bolmagy örän buýsançly waka öwrüldi. Has takygy «Fitch Ratings» halkara baha beriş agentligi tarapyndan Türkmenistanyň ykdysady ösüşine berlen baha «B+ durnukly» derejesinden «BB- durnukly» derejesine çenli ýokarlandy. Agentlik tarapyndan Türkmenistan üçin berlen halkara derejeler ýurdumyzyň halkara maliýe abraýyny ýokarlandyrmaga, ýurdumyza çekilen daşary ýurt maýa goýumlarynyň möçberini artdyrmaga we karzlaryň şertlerini ýeňilleşdirmäge, netijede Türkmenistanyň daşary ykdysady işini has-da ösdürmäge ýardam eder.

Umuman, sanlylaşdyrylan bank ulgamy maliýe hyzmatlaryny ykjam we onlaýn platformalaryň kömegi bilen amala aşyrmagyň netijesinde,raýatlar üçin täzeden-täze, diňe ýeňillikli şertleriň ýola goýulmagyny üpjün eder. Bu bolsa çykdajylary we sarp edilýän wagty tygşytlaýar, şahsy maglumatlaryň howpsuzlygyny ýokarlandyrýar, hyzmat etmegiň hilini we tizligini artdyrýar.

Hormatly Prezidentimiziň ýurdumyzda sanly bank ulgamyny ösdürmek boýunça amala aşyrýan giň gerimli işleri milli töleg ulgamynyň mümkinçiliklerini giňeltmäge, bank hyzmatlarynyň sanly görnüşlerini artdyrmaga, banklaryň bäsdeşlige ukyplylygyny ýokarlandyrmaga, netijede ýurdumyzda sanly ykdysadyýetiň ösmegine ýardam eder. Ýurdumyzyň ykdysadyýetini, maliýe bank ulgamyny ösdürmekde taýsyz tagallalary edýän Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň janlary sag, ömürleri uzak bolsun, alyp barýan il-ýurt bähbitli umumadamzat ähmiýetli işleri elmydama rowaç alsyn!

**Aýna AÝNAZAROWA,**
Türkmenistanyň Döwlet daşary ykdysady iş bankynyň
Maliýe we tilsimatlar müdirliginiň hünärmeni

# MAÝA GOÝUMLARYNYŇ ÖZÜNE ÇEKIJILIGINI ÝOKARLANDYRMAKDA MALIÝE GURALLARYNYŇ ORNY

Berkarar döwletiň täze eýýämynyň Galkynyşy döwründe hormatly Prezidentimiziň Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistan döwletimizi dünýäniň ösen ýurtlarynyň hataryna çykarmak, ilatyň ýaşaýyş-durmuş derejesini ýokarlandyrmak we milli ykdysadyýetimizi diwersifikasiýalaşdyrmak syýasatynda beýleki ykdysady gurallar bilen bir hatarda maliýe gurallaryna uly orun degişlidir.

Maliýeleşdirmegiň içerki we daşarky çeşmeleriniň gatnaşygy gündelik we düýpli harajatlaryň amala aşyrylmagyny, düşewüntliligiň zerur bolan derejesini, kompaniýanyň ýa-da kärhananyň işiniň barşynda olaryň maliýe ýagdaýynyň durnuklylygyny üpjün edýär. Maliýeleşdiriş çeşmeleriniň gatnaşygynyň amatly ýagdaýyny tapmagyň netijesinde kärhananyň tölege ukyplylygyny ýokarlandyrmak, esasy maýany çalt depginler bilen täzelemek, täze tehnologik maksatnamalary durmuşa geçirmek amala aşyrylýar.

Kärhananyň hususy serişdeleri we çekilen serişdeler bilen gatnaşygy dürli maliýe görkezijilerini ulanyp ölçäp bolýar. Bu görkezijileriň biri-maliýe lewerajy aşakdaky formula bilen aňladylýar:

Maliýe lewerajy = Jemi aktiwler / Hususy serişdeler;

Bu gatnaşyk kärhananyň maliýeleşdiriş çeşmelerinde çekilen serişdeleriň ulanyş derejesini görkezýär. Ýokary maliýe lewerajy, adatça, aktiwleriň düzüminde karz serişdeleriň paýynyň ýokarydygyny  aňladýar. Şeýle-de bolsa, hususy we çekilen serňşdeleriň iň amatly gatnaşygy kärhananyň maksatlaryna, pudagyna we  maliýe ýagdaýyna baglylykda üýtgäp biler. Ykdysady nazaryýet boýumça iň amatly gatnaşygy kesgitlemek üçin ýeke-täk uniwersal formula ýok, sebäbi bu çözgüt, adatça çekilen serişdeleriň bahasy, töwekgelçilikler, salgyt netijeleri we başgalar ýaly köp faktorlaryň seljermesi esasynda kabul edilýär.

Iň amatly gatnaşyk aşakdaky faktorlara bagly bolýar:

1. Töwekgelçilikler we durnuklylyk derejesi: Bir kärhana uly borçnamalardan we töwekgelçiliklerden gaça durmak islese, onuň üçin öz serişdelerini köpeltmek has amatly bolup biler. Eger ol uzak möhletli borçnamalary kabul etmäge taýýar bolsa, onda çekilen serişdeler ösüşi gazanmak üçin netijeli bolar.

2. Kärhananyň maksatlary: Maksat durnukly ösüş we üznüksiz giňeldilen önümçilik bolsa, wençur kapitalyny çekmek amatly bolup biler.

3. Bazar şertleri: Maliýeleşdirmegiň käbir çeşmeleri häzirki ykdysady gurşawa  baglylykda has elýeterli ýa-da amatly bolup biler.

Serişdeleriň iň amatly gatnaşygy bu faktorlaryň hemmesini göz öňünde tutýan ylalaşykdyr. Çözgüt kabul edilende maýanyň düzümini, salgyt netijelerini we kärhananyň maliýe işine täsir edýän beýleki faktorlary hem göz öňünde tutmak möhümdir. Maliýe hünärmeni bilen maslahatlaşmak maliýeleşdirmek strategiýasyny işläp düzmekde peýdaly bolup biler.

Maliýe globallaşmagynyň häzirki çylşyrymly tapgyrynda  dünýä maliýe bazarynyň gurallarynyň döwrüň talaplaryna görä özgerýändigini göz öňünde tutsak, onda bu bazarda maliýe gurallarynyň netijeliliginiň we özüne çekijiliginiň artýandygy sebäpli  maliýe gurallaryna bolan islegiň maýadarlar tarapyndan gün-günden artýandygyny bellemek ýerliklidir.

Dünýä ykdysadyýetinde  girizilen çäklendirmeler maliýe bazarynyň  gurallary bolan - paýnamalar, bergi borçnamalary bazara gatnaşyjylaryñ nazary we usulyýet ugurlaryny,

bazar işleriniň guramaçylyk esaslaryny utgaşdyrmak bilen, olaryň ähmiýetine we ornuna çuňňur düşünmegi we ykdysadyýetde  olary ulanmak mümkinçiligine uly üns bermegi talap edýär.

Soňky ýyllarda  maliýe gurallary döwrüň talaplaryna laýyklykda diňe bir mukdar taýdan däl, eýsem hil taýdan hem özgerýär. Kärhanalar indi adaty gurallary ulanmak bilen çäklenmän, eýsem töwekgelçiligi dolandyrmagyň çylşyrymly mehanizmlerine - özara baglanyşykly maliýe gurallarynyň önümlerine-deriwatiwlere ýüz tutýarlar.

Maliýe guraly – bu «kwazi-pul», ýa-da başgaça, maliýe resminamasy bolup,  ol gymmatly kagyz, pul borçnamasy, fýuçers, opsion,  warrant we ş.m. ybarat. Şeýle hem bu gurallary bir kompaniýa üçin maliýe aktiwlerini  we başga bir kompaniýa üçin bolsa şol bir wagtda maliýe borçnamalaryny emele getirýän şertnama-geleşik hökmünde hem  häsiýetlendirip bolar. Maliye gurallaryna aşakdakylar degişlidir:

- pul serişdeleri;
- başga bir korporasiýadan pul serişdelerini  ýa-da beýleki maliýe aktiwlerini almak üçin şertnama hugugy;
- amatly şertlerde başga bir korporasiýa bilen maliýe gurallaryny çalyşmak üçin şertnama hukugy, başga bir korporasiýa üçin tölenmeli  şertnamalaýyn  maliýe borçnamalary öz içine alýar;
- pul serişdeleri ýa-da başga bir maliýe aktiwini bermek;
- potensial amatsyz şertlerde başga bir korporasiýa bilen maliýe guralyny çalyşmak (mysal üçin, debitor algylary arzan bahadan satmak).

Maliýe guraly bir wagtyň özünde bir guramanyň maliýe aktiwlerini we beýlekisiniň maliýe borçnamalaryny (karzy ýa-da paýnamasy) artdyrýan islendik şertnama bolup ol pul serişdeleri, gymmatly kagyzlar, algylar we bergiler ýa-da deriwatiwler görnüşde hereket edýärler.

Maliýe gurallary aşakdaky häsiýetli aýratynlyklara eýedir:

- aýlanyş döwri - gutarnykly tölenýänçä ýa-da maliýe guralynyň ýatyrylmagy (öwezini dolmak) islegi;
- likwidliligi – aktiwleriň ýitgisiz bazar bahasyna golaý çalt nagt pula öwrüülmek ukyby;
- gurallardaky girdejiler, garaşylýan göterimler, diwidend tölegleri, şeýle hem maliýe aktiwiniň satyn alynmagy ýa-da bazaryň beýleki gatnaşyjylaryna gaýtadan satylmagy bilen alnan mukdar bilen kesgitlenýär;
- nominal girdeji stawkasy pul serişdelerine maýa goýmakdan alnan girdejini, serişdeleri ýerine ýetirmek üçin tölegi görkezýär;
- hakyky girdejiniň derejesi girdejiniň nominal möçberinden hümmetsizlenmäniň  derejesiniň  ayrylmagyna deňdir;
- maliýe guralynyň töwekgelçiligi geljekde girdejiniň mukdary we wagty bilen baglanyşykly näbelliligi görkezýär;
- bölünmek, bazarda satyn alyp ýa-da satyp boljak iň pes mukdary bilen häsiýetlendirilýär;
- alyş-çalyşy (konwertasiýa)-beýleki maliýe aktiwleri üçin maliýe guralyny çalyşmak ukybydyr;
- salgyt salmak mehanizmi maliýe guralyna eýe bolmakdan we gaýtadan satmakdan alynýan girdejiniň nädip we haýsy nyrhlarda salgyt salynýandygyny kesgitleýär;
- töleg walýutasy maliýe guralynyň tölenýän walýutasydyr.

Dünýä tejribesinde maliýe gurallarynyň bazarynyň üç modeli bellidir:

1. Bank däl modeli – bu ýerde dellal hökminde gymmat bahaly kagyzlar boýunça bank däl kompaniýalar çykyş edýär.

2. Bank modeli – bu ýerde dellallar bolup banklar çykyş edýär.

3. Garyşyk modeli – bu ýerde dellallar bolup banklar şeýle hem bank däl karz edaralary çykyş edýärler.

Dünýä maliýe bazarynyň bu modelleriniň her birinde hereket edýän maliýe gurallarynyň içinde gymmatly kagyzlar maýa goýumlary üçin iň özüne çekiji maliýe gurallarydyr, olarda köp mukdarda serişdeleri toplamak bilen maýa goýumlaryndan ýokary girdeji almak üçin amallar jemlenendir. Mahsus aýratynlyklary sebäpli gymmatly kagyzlar dürli maýa goýum strategiýalaryny durmuşa geçirmäge mümkinçilik berýär.

Gymmatly kagyzlaryň maýa goýum özüne çekijiligi belli bir görkezijiler toplumyna görä kesgitlenýär. Adatça, maýadaryň etmeli ilkinji işi, haýsy döwür üçin maýa goýjakdygyny, maýa goýumyň haýsy bölegini bölüp bermelidigini, haýsy girdejä garaşmalydygyny we bolup biljek töwekgelçiligiň derejesini kesgitlemekdir. Munuň üçin bazara gatnaşyjylaryň maliýe sowatlylygy nukdaý nazaryndan, gazna bazarynda hereket edýän maliýe gurallarynyň, aýratyn hem satyn almak isleýän gymmatly kagyzlarynyň häsiýetli aýratynlyklaryny bilmekleri zerurdyr.

Gymmatly kagyzlaryň maýa goýum özüne çekijiligi olaryň görnüşine baglydyr. Şeýlelik bilen, paýnamalaryň maýa goýum häsiýetleri esasan, olaryň bazar bahasynyň ýokarlanmagy, diwidendleriň alynmagy, emläk we emläk däl hukuklar bilen baglanyşyklydyr. Bergi borçnamalarynyň maýa goýum özüne çekijiligi olaryň ygtybarlylygy we hereket edýän döwründe kepillendirilýän girdeji bilen häsiýetlendirilýär. Adatça, bu gymmatly kagyzlardan gelýän girdejiler paýnamalardan pes, ýöne has durnuklydyr.

Umuman, maliýe gurallarynyň maýa goýum özüne çekijiligini kesgitleýän ölçeglere aşakdakylar degişlidir:

- maýa goýumyň howpsuzlygy, gymmatly kagyzlar bazaryndaky üýtgemelerden goraglylygy we durnukly girdeji gazanmak mümkünçiligi;
- maýa goýumynyň girdejisiniň gurallaryň bazar bahasynyň ýokarlanmagyna we goşmaça girdeji (diwidendler we talon tölegleri görnüşinde) almak mümkinçiligine baglylygy;
- gymmatly kagyzlaryň likwidliligi, ýagny gymmatly kagyzlary çalt satmak we maýa goýujy üçin köp ýitgi bolmazdan pullara öwürmek ukyby.

Häzirki wagtda gazna bazarynda girdeji gazanmak üçin köp sanly maliýe gurallary bar. Maliýe maýa goýumlary goýlanda, maýadar girdeji gazanmaga, maýasyny köpeltmäge ýa-da iň bolmanda şol bir derejede saklamaga ymtylýar. Bu esasanam, maliýe bazarynyň durnuksyzlyk şertlerinde möhümdir.

Maýadaryň islegine görä saýlanyp alnan islendik maliýe guraly maýa goýum aktiwiniň aç-açanlygyny we maýa goýum hilini döretmek hem-de potensial girdeji getirip biljek maýa goýum obýekti hökmünde kesgitlemek bilen baglanyşykly. Maliýe guralyny saýlamakda maýa goýumyň maksatlaryny, goýlan serişdeleriň mukdaryny we maýa goýujynyň salgyt töleýji statusyny göz öňünde tutmak zerurdyr. Maliýe gurallarynyň maýa goýum maksatlaryna ýetmegini üpjün etmek ukyby, olaryň aşakdaky maýa goýum häsiýetleri esasynda kesgitlenýär:

1. ygtybarlylyk - goýlan serişdeleriň howpsuzlygy;
2. häzirki girdeji - maýa goýum döwründe maliýe gurallaryndan girdeji almak;

3. ösüş, maýa girdejisi - maýa goýum döwründe maýa goýlan serişdeleriň bahasynyň ýokarlanmagy.

Adaty süýşürintgi gurallary (ilkinji nobatda ätiýaçlandyrylan bank goýumlary) töwekgelçiligiň pes derejesi bilen häsiýetlendirilýär we adatça, maýa goýumlarynyň satyn alyjylyk ukybynyň saklanmagyny üpjün edýän ortaça girdeji getirýär. Olary ulanmak aňsat bolup we ýörite taýýarlygy talap etmeýär.

Maýa bazarynyň gurallary goýumlary artdyrmaga mümkinçilik berýän süýşürintgi gurallaryndan has ýokary girdeji getirip biler, ýöne girdejini almazlyk ýa-da maýa goýumyň bir bölegini ýitirmek howpy has ýokarydyr. Şeýle gurallaryň ulanylmagy, adatça, uzak gözýetimde ykdysady taýdan has dogry hasaplanýar. Maýa bazaryna maýa goýmak üçin uzak möhletleýin strategiýalaryň öz aýratynlyklary bar, olar uzak ýyllaryň dowamynda maýa goýum netijeleriniň üýtgemegi bilen oňyn hakyky girdejileri getirýärler.

Kapitalyň bazarynyň gurallaryny netijeli ulanmak üçin ýörite bilimleri we endikleri almak zerurdyr. Şol sebäpli biržadaky amallaryň aýratynlyklaryna we mazmunyna düşünmek islemeýän ýa-da mümkinçiligi bolmadyk maýa goýujy üçin passiw maýa goýum strategiýalary ýa-da ynamdar maliýe bazaryna gatnaşyjylara-hünärmenlere ynamly dolandyrmaga geçirmek has ileri tutulýar.

Sanly tehnologiýalaryň we onlaýn ýollaryň, şol sanda platforma çözgütlerine esaslanýan ýollaryň ulanylmagy, maliýe hyzmatlarynyň sarp edijilerine dürli üpjün edijileriň önümlerine we hyzmatlaryna ýerleşýän ýerlerine garamazdan müşderilere elýeterliligi üpjün edýär. Maýa goýumlary üçin innowasiýa köplenç belli bir işjeňlik talap etse-de, maliýe bazaryndaky kiçi telekeçilik görnüşleri autsorsingden işjeň peýdalanmak we müşderiler üçin bähbitli önümleri we hyzmatlary hödürlemek arkaly ösüp biler.

**Gurbanberdi EÝEBERDIÝEW,**
Türkmen döwlet ykdysadyýet we dolandyryş
institutynyň «Bank işi» kafedrasynyň uly mugallymy

**Gülsenem MEREDOWA,**
Türkmen döwlet ykdysadyýet we dolandyryş
institutynyň «Bank işi» kafedrasynyň mugallymy

# TÜRKMENISTANYŇ BANK ULGAMYNYŇ ÖSÜŞ MEÝILLERI

# Тенденции развития банковской системы Туркменистана

**2024-nji ýylyň 1-nji awgust ýagdaýyna Türkmenistanyň karz edaralarynyň şahamçalarynyň sany barada maglumat**

Сведения о количестве филиалов кредитных учреждений Туркменистана по состоянию на 1 августа 2024 г.




**2024-nji ýylyň 1-nji awgust ýagdaýyna Türkmenistanyň karz edaralarynyň bank gulluklarynyň sany barada maglumat**

Сведения о количестве агентств кредитных учреждений Туркменистана по состоянию на 1 августа 2024 г.




**2024-nji ýylyň 1-nji awgust ýagdaýyna Türkmenistanyň karz edaralary boýunça daşary ýurt puluny alyş-çalyş nokatlarynyň sany**

Количество обменных пунктов иностранной валюты по кредитным учреждениям Туркменистана на 1 августа 2024 года




**Karz edaralaryň işjeňleriniň düzümi, (%-de)**

Структура активов кредитных учреждений, (в %)



№7
2024

TÜRKMENISTANYŇ MERKEZI BANKY
Центральный банк Туркменистана

## Karz edaralaryň işjeň dälleriniň düzümi, (%-de)

Структура пассивов кредитных учреждений, (в %)




## 2024-nji ýylyň 1-nji awgust ýagdaýyna karz edaralarynyň esaslyk maýalarynyň möçberi barada maglumat

Величина уставного фонда кредитных учреждений по состоянию на 1 августа 2024 г.




## Kärhanalaryň, guramalaryň we ilatyň hasaplaşyk, gündelik we goýum hasaplaryndaky serişdeleriniň möhleti boýunça bölünişi (mln manatda)

Средства на расчетных, текущих счетах и депозитах предприятий и организаций по срокам их размещения (в млн манат)




## Karz edaralaryň kärhanalara, guramalara we ilata milli pulda beren karzlarynyň galyndylarynyň eýeçiligi boýunça bölünişi (mln manatda)

Распределение остатков кредитов кредитных учреждений, предоставленных в национальной валюте предприятиям, организациям и населению по формам их собственности (в млн манат)




## Karz edaralaryň kärhanalara, guramalara we ilata milli pulda beren karzlarynyň galyndylarynyň möhleti boýunça bölünişi (mln manatda)

Распределение остатков кредитов кредитных учреждений, предоствленные в национальной валюте предприятиям, организациям и населению по срокам их размещения (в млн манат)




## 2024-nji ýylyň 1-nji awgust ýagdaýyna Türkmenistanyň bank kart ulgamynda hasaba alnan bank kartlary boýunça maglumat (görkezijiler tegeleklenip alyndy)

Сведения о зарегистрированных в банковской карточной системе Туркменистана банковских картах по состоянию на 1 августа 2024 года (указатели округлены)



## Türkmenistanyň karz edaralarynyň işjeňliginiň esasy görkezijileri
## Основные показатели деятельности кредитных учреждений Туркменистана

| **GÖRKEZIJILER**<br>ПОКАЗАТЕЛИ | ölçeg birligi<br>ед. измер. | 01.08.2023 | 01.01.2024 | 01.08.2024 | 01.08.2024<br>01.01.2024-e,<br>%-de | 01.08.2024<br>01.08.2023-e,<br>%-de |
|---|---|---|---|---|---|---|
| **1. Bellige alnan karz edaralary**<br>Зарегистрированные кредитные учреждения | sany / ед. | **10** | **11** | **11** | *100,0* | *110,0* |
| şol sanda:<br>в том числе: | | | | | | |
| - döwlet täjirçilik<br>- государственно-коммерческие | sany / ед. | 3 | 3 | 3 | *100,0* | *100,0* |
| - paýdarlar täjirçilik<br>- акционерно-коммерческие | sany / ед. | 5 | 5 | 5 | *100,0* | *100,0* |
| - daşary ýurt banklarynyň şahamçalary<br>- филиалы иностранных банков | sany / ед. | 1 | 1 | 1 | *100,0* | *100,0* |
| - Döwlet ösüş banky<br>- Государственный банк развития | sany / ед. | 1 | 1 | 1 | *100,0* | *100,0* |
| - «Türkmen maýa goýum kompaniýasy»<br>- «Туркменская инвестиционная компания» | sany / ед. | | 1 | 1 | *100,0* | |
| **2. Karz edaralaryň şahamçalarynyň sany**<br>Количество филиалов кредитных учреждений | sany / ед. | **151** | **150** | **149** | *99,3* | *98,7* |
| **3. Karz edaralarynda hyzmat edilýän müşderilere açylan hasaplaryň sany**<br>Количество счетов открытых клиентом обслуживаемых кредитными учреждениями | sany / ед. | | **7 046 129** | | | |
| **4. Karz edaralaryň işgärleriniň sany**<br>Численность работников кредитных учреждений | sany / ед. | | **8 391,8** | | | |
| **5. Karz edaralaryň hakyky toplan esaslyk maýasynyň möçberi**<br>Фактически сформированный уставный фонд кредитных учреждений | mln manat<br>млн манат | **6 995,1** | **7 167,8** | **7 227,2** | *100,8* | *103,3* |
| **6. Türkmenistanyň Merkezi bankynda açylan karz edaralarynyň aragatnaşyk hasaplaryndaky galyndylary (milli pulda)**<br>Остаток на корреспондентских счетах кредитных учреждений в Центральном банке Туркменистана (в нац. валюте) | mln manat<br>млн манат | **13 155,19** | **17 876,07** | **20 300,70** | *113,6* | *154,3* |
| **7. Türkmenistanyň karz edaralarynyň kärhanalara, guramalara we ilata milli pulda beren karzlarynyň galyndylary**<br>Остаток кредитов кредитных учреждений Туркменистана в национальной валюте, предоставленные предприятиям, организациям, населению | mln manat<br>млн манат | **87 945,21** | **89 102,20** | **90 331,81** | *101,4* | *102,7* |
| **8. Karz edaralarynda kärhanalaryň, guramalaryň we ilatyň hasaplaşyk, gündelik we goýum hasaplaryndaky serişdeleri (milli pulda)**<br>Средства на расчетных, текущих счетах и депозитах предприятий, организаций и населения в кредитных учреждениях (в нац. валюте) | mln manat<br>млн манат | **40 437,71** | **39 600,98** | **43 829,03** | *110,7* | *108,4* |

***Ylmy-önümçilik geňeşinde taýýarlanyldy / Подготовлено Научно-производственным советом***

## 2024-nji ýylyň 1-nji awgust ýagdaýyna Türkmenistanyň karz edaralarynyň şahamçalarynyň sany barada maglumat
Сведения о количестве филиалов кредитных учреждений Туркменистана по состоянию на 1 августа 2024 г.

| Karz edaralaryň ady<br>Наименование кредитных учреждений | Şahamçalaryň sany<br>Количество филиалов | Ahal<br>Ахал | Aşgabat<br>Ашхабад | Arkadag<br>Аркадаг | Balkan<br>Балкан | Daşoguz<br>Дашогуз | Lebap<br>Лебап | Mary<br>Мары |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| **Türkmenistanyň «Türkmenistan» DTB**<br>ГКБТ «Туркменистан» | **22** | 3 | 7 | 1 | 4 | 1 | 3 | 3 |
